# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY**

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

# VI BAP
# HALKARA YKDYSADYÝETI

**Batyr Rejepow,**
*Halkara ykdysadyýeti ugrunyň magistranty*

## MERKEZI AZIÝANYŇ DÖWLET BAŞTUTANLARYNYŇ KONSULTATIW DUŞUŞYKLARYNYŇ SEBITIŇ YKDYSADY ÖSÜŞI ÜÇIN ÄHMIÝETI

Amatly geoykdysady ýerleşişi bilen tapawutlanýan Merkezi Aziýa taryhyň bütin dowamynda Ýewropa bilen Aziýanyň arasynda özboluşly "köpri" bolup geldi we şeýle bolmagynda-da galýar. Şonuň üçin-de, sebitiň ýurtlarynyň özara hyzmatdaşlygyny ösdürmek hem-de işjeňleşdirmek häzirki günüň wajyp wezipesidir. Bu babatda Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşyklaryna örän uly orun degişlidir.

"Türkmenistan halklarymyzyň bähbitlerine dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk ýagdaýyny saklamagyň we netijeli sebit hyzmatdaşlygynyň kepili boljak döwletara gural hökmünde Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynyň formatyna örän möhüm ähmiýet berýär" diýmek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow bu formata ýokary baha berýär [1, 11 s.].

Ilki bilen, Merkezi Aziýa sebitiniň geoykdysady ýerleşişine üns bereliň. Demirgazykdan günorta 4,2 müň kilometr, günbatardan gündogara çenli 5,6 müň kilometr giňişlige uzap gidýän Merkezi Aziýanyň ilaty häzirki wagtda 75 milliondan geçýär. Demirgazykda Altaý, Saýan daglaryndan başlap, günortada Gimalaý daglaryna çenli aralykda ýerleşen şeýle ägirt uly giňişligiň tebigy şertleriniň özboluşlylygy baryp-ha XIX asyryň ortalarynda nemes geografy Aleksandr fon Gumboldtyň ünsüni çekipdir. Şeýdibem, ol alym tarapyndan ummanlardan uzakdaky beýik daglar bilen gurşalan hem-de çöl landşaftlarynyň agdyklyk etmegi bilen häsiýetlendirilýän giňişlik geografiýa ylmyna "Merkezi Aziýa" diýen düşünje görnüşinde girizilipdir. Bu sebitden eriş-argaç bolup geçen Beýik Ýüpek ýoly şaýatdyr: Merkezi Aziýa Ýewropanyň we Aziýanyň adamlaryny, harytlaryny, pikirlerini gabatlaşdyrýan çatryk bolupdy, olary birleşdiripdi, şeýdip, gülläp ösüpdi.

Merkezi Aziýanyň ägirt uly mümkinçilikleri taryhda Beýik Ýüpek ýolunyň üsti bilen açylypdyr. Owalynda mazmun bir bolup, diňe görnüş üýtgänsoň, bu ýoly gaýtadan döwrebap görnüşde dikeltmek arkaly dünýäniň ünsüni özümizde jemläp bileris. Mysala ýüzlensek, häzirki zamanyň bazar ykdysadyýeti şertlerinde ykdysadyýeti ösdürmek söwda-ykdysady gatnaşyklar bilen deň derejede maýa goýum hyzmatdaşlygynyň strategik häsiýete eýe bolmagyna baglydyr.

Hawa, şu jähetden alanymyzda, şol ösen syýasy, ykdysady we ruhy medeniýeti häzirki wagtda has-da kämilleşdirmäge, onuň üsti bilen Merkezi Aziýany örän güýçli we çalt depginler bilen ösýän, şonuň ýaly-da geljegi uly ykdysady sebitlere goşmaga bizde ähli mümkinçiliklerdir artykmaçlyklar bar. Aslynda, Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynyň döredilmegi şu taryhy jähetden ugur alypdy. Bu duşuşyklar dogrusynda gysgaça durup geçeliň.

***1-nji duşuşyk*** 2018-nji ýylyň 15-nji martynda iş duşuşygy görnüşinde Gazagystan Respublikasynyň paýtagty Nur-Sultan (ozalky Astana) şäherinde geçirildi. Onuň gün tertibini sebitiň ýurtlarynyň arasynda ykdysadyýet, söwda, logistika, ulag we aragatnaşyk ýaly möhüm ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy giňeltmek baradaky meseleler düzdi.

***2-nji duşuşyk*** 2019-njy ýylyň 29-njy noýabrynda Özbegistan Respublikasynyň paýtagty Daşkent şäherinde geçirildi. Onuň jemleri boýunça Bilelikdäki Beýannama kabul edildi we ol duşuşyk Merkezi Aziýa döwletleriniň hyzmatdaşlygynda nobatdaky möhüm tapgyry alamatlandyrdy.

***3-nji duşuşyk*** 2021-nji ýylyň 6-njy awgustynda Türkmenbaşy şäherinde, has takygy, “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynyň “Awaza” kongresler merkezinde geçirildi. Onuň jemleri boýunça Bilelikdäki Beýannama kabul edildi we ol duşuşyk sebitde bolup geçýän ýagdaýlara öz wagtynda hem-de çeýe täsir etmäge mümkinçilik berdi.

***4-nji duşuşyk*** 2022-nji ýylyň 21-nji iýulynda Gyrgyz Respublikasynyň Çolpon-Ata şäherinde geçirilip, netijeli häsiýeti bilen tapawutlandy.

***5-nji duşuşyk*** 2023-nji ýylyň 14-nji sentýabrynda Täjigistan Respublikasynyň paýtagty Duşenbe şäherinde geçirilip, onda Bilelikdäki Beýannama kabul edildi. Mundan başga-da sammitiň çäklerinde Merkezi Aziýada ýerüsti ulaglaryň özara baglanyşygyny pugtalandyrmak hakynda Ylalaşyga, Merkezi Aziýa döwletleriniň ulag ministrleriniň birinji duşuşygynyň Duşenbe Beýannamasyna, Merkezi Aziýa döwletleriniň arasynda ýaşlar syýasatynyň umumy ugurlary hakynda Ylalaşyga gol çekildi, şeýle hem Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynyň işleri boýunça milli utgaşdyryjy geňeşi hakynda Düzgünnama kabul edildi [2, 2 s.].

Döwletleriň ykdysadyýetiniň ösmegine belli bir derejede onuň geografik ýerleşişi täsir edýär. Biziň döwletimiz ykdysady geografik taýdan Merkezi Aziýada amatly ýerleşen döwletleriň biri. Şu nukdaýnazardan ugur alsak, Merkezi Aziýanyň

döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşyklarynda Türkmenistan tarapyndan öňe sürülýän tekliplerdir üns çekilýän meseleler bilelikde, jebislikde, birlikde sebitiň durnuklylygyna, asudalygyna täsir edýän ýagdaýlaryň öňüni almagy, netijede, Merkezi Aziýanyň bitewi geoykdysady giňişlik hökmündäki ägirt uly mümkinçiliklerini netijeli ulanmagy, parahatçylygy we asudalygy goramak bilen baglanyşykly gymmatly pikirleri halkara giňişlikde işjeň ilerletmegi nazarlaýar.

Biziň ýurtlarymyzyň halklaryny köpasyrlyk dostlukly gatnaşyklar, hyzmatdaşlyk etmegiň we hoşniýetli goňşuçylygyň ägirt uly tejribesi baglanyşdyrýar. Häzirki wagtda bolsa sebitiň döwletleriniň arasyndaky dürli ugurlardaky gatnaşyklar barha ýygjamlaşýar, hyzmatdaşlygyň täze görnüşleri ýüze çykýar. Munuň özi ýüze çykýan meseleleri çözmek üçin gepleşikleriň geçirilmegini talap edýär. Aslynda, diplomatiýa – döwletiň daşary gatnaşyklary we daşary işleri baradaky ylymdyr ýa-da halklaryň bähbitlerini özara ylalaşdyrmagyň sungaty, sözüň has takyk manysynda bolsa, diplomatiýa – gepleşikler baradaky ylym ýa-da sungat [3, 15 s.].

2023-nji ýylda Täjigistanyň Duşanbe şäherinde geçirilen ýubileý duşuşykda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow: “Ýurtlarymyzyň arasynda söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmek we özara haryt dolanyşygynyň möçberini artdyrmak örän möhüm wezipe bolup durýar. Bu babatda örän anyklyk we täsirli çäreler zerur” diýip, Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşyklarynyň sebitiň ykdysady ösüşi üçin ähmiýetine ünsi çekdi [1, 1 s.]. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan Merkezi Aziýa Söwda edarasyny döretmek meselesine garamagy teklip edýär. Onuň işiniň many-mazmuny we maksady söwdany ösdürmekde bilelikdäki ädimleri utgaşdyrmakdan, Merkezi Aziýa bazarynyň geljekki ykdysady subýektleriniň ählisiniň täjirçilik bähbitlerini üpjün etmekden, iri sebit taslamalaryny durmuşa geçirmek üçin maýa goýumlary çekmekden ybaratdyr.

Bir zady aýratyn bellemek gerek, Merkezi Aziýa döwletleri sebiti senagat taýdan ösdürmek babatda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň syýasatynyň ileri tutulýan maksatlaryna we wezipelerine laýyk gelýän häzirki zaman önümçilik üpjünçilik ulgamlaryny döretmek boýunça bilelikdäki çäreleri görmäge taýýardyr. Deňiz portlaryna we täze daşarky bazarlara örän gysga çykalgany üpjün edýän özara bagly sebit ulag ulgamynyň döredilmegi Günorta Aziýany, Hytaýy we Ýewropany birleşdirýän ählumumy ulag geçelgesi hökmünde Merkezi Aziýa sebitiniň ornuny dikeltmek işini güýçlendirer.

Sebitde ulag ulgamyny ösdürmek boýunça başlangyçlary we taslamalary iş ýüzünde amala aşyrmagy çaltlandyrmaga sebitiň ýurtlary uly gyzyklanma bildirýärler. Munuň özi halkara söwdasynyň depginli ösmegine we möçberlerine, üstaşyr ýük akymlarynyň artmagyna, çig maly, enjamlary hem-de taýýar önümleri daşamagyň bahasyna oňyn täsir eder.

Türkmenistan halklarymyzyň bähbitlerine dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk ýagdaýyny saklamagyň we netijeli sebit hyzmatdaşlygynyň kepili boljak döwletara gural hökmünde Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynyň formatyna örän möhüm ähmiýet berýär.

Biziň sebitimiziň, asyl, tutuş Ýewraziýanyň parahatçylygyna howp salýan wehimlere özara ynanyşmak ýagdaýyndaky, bähbitleri deň tutýan gepleşikleriň esasynda tagallalary birleşdirmek arkaly garşy durup bolar. Şu nukdaýnazardan ugur alsak, Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşyklarynda Türkmenistan tarapyndan öňe sürülýän tekliplerdir üns çekilýän meseleler bilelikde, jebislikde, birlikde sebitiň durnuklylygyna, asudalygyna täsir edýän ýagdaýlaryň öňüni almagy, netijede, Merkezi Aziýanyň bitewi geoykdysady giňişlik hökmündäki ägirt uly mümkinçiliklerini netijeli ulanmagy, parahatçylygy we asudalygy goramak bilen baglanyşykly gymmatly pikirleri halkara giňişlikde işjeň ilerletmegi nazarlaýar.

## EDEBIÝAT


1. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň bäşinji konsultatiw duşuşygyndaky çykyşy. 15.09.2023.
2. *Rahmanow A.* Diplomatik gullugyň esaslary. – A.: TDNG, 2021.
3. *Hudaýýarow M.* Ykdysady we durmuş geografiýasynyň esaslary. – A.: TDNG, 2011.



**Söhbet Ataýew,**
*Halkara ykdysadyýeti ugrunyň magistranty*


# TÜRKMENISTANYŇ BANKLARY TARAPYNDAN ALNYP BARYLÝAN IŞLERIŇ KÄMILLEŞDIRILMEGINIŇ MÜMKINÇILIKLERI

Adamzadyň ýaşaýşynda we jemgyýetiň ösüşinde esasy zat ykdysady iş hasaplanylýar. Adamyň nirede ýaşaýandygyna garamazdan, onuň hem-de jemgyýet üçin ykdysady iş ýaşaýşyň çeşmesi bolup hyzmat edýär. Şu nukdaýnazardan, islendik döwletiň durnukly ösüşinde onuň maliýe-ykdysady ulgamyna uly orun degişlidir. Ilkinji nobatda bolsa, pul dolanyşygyny akylly-başly ýöredip, onuň hümmetiniň durnukly ýagdaýda saklanmagyny gazanmagy ykdysady üstünlik hasaplap bolar.

Dünýä tejribesinden görnüşi ýaly, islendik döwletde öndürilýän harytlar wagtynda satylyp, bahasy yzyna gaýdyp barsa, önümçilik ösýär. Pul dolanyşygy ilkibada adamlaryň arasynda içki bazarda, söwda guramalarynyň arasynda, soňra bank ulgamynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Döwletde önümçiligiň üstünligi bank ulgamynyň dogry işleýşine bagly bolýar.